# Gündelikde galanlar -37/ dowamy

Category: Edebiýaty öwreniş,Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -37/ dowamy GÜN TERTIBINDE…

Eliňizdäki ýazgylar üýtgedip gurmak döwrüne degişli. Has takygy, XX asyryň segseninji ýyllarynyň ahyrlarynda «Edebiýat we sungat» gazetiniň redaksiýasynda bolup geçen wakalar dogrusynda. Elbetde, bu ýazgylar redaksiýadaky bolup geçen ähli wakalary jikme jikligi bilen beýan edip bilmejekdigi öz-özünden düşnükli bolsa gerek.
Maňa şol döwürde ikinji gezek gazetiň redaksiýasynda işlemek miýesser edipdi. 1986-njy ýylyň 1-nji awgustynda jogapkär sekretaryň wezipesinde işe başladym. Birinji gezek 1977-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan 1982-nji ýylyň 22-nji aprel aralygynda gazetiň baş redaktorynyň orunbasary wezipesinde işläpdim. Şol döwürde gazetiň baş redaktory ýazyjy Kakaly Berdiýewdi. Men bu ussatdan, hakyky gazetçiden işiň köp tilsimlerini öwrenjek bolupdym.
Ikinji gezek baş redaktoryň haýyşy bilen işe gelemde bu ýerik işe gelip, birnäçe wagt işlänimden soň, Kakaly Berdiýewi hormatly dynç alyşa ugratdylar. Onuň ýerine ýazyjy Tirkiş Jumageldiýewi baş redaktor edip bellediler. Biz Tirkiş Jumageldiýewiç bilen birek-birege düşünişip işleşdik. Ol gowy redaktordy. Onuň işlän ýyllary gazetiň okyjylarynyň sany has köpeldi. Ýöne ol hemme zady birbada özgertjek bolýardy. Öz wagtyna garaşmaly meseleler hem bardy. Onuň iş stiline garşy çykýanlar hem bardy. Ýöne ol muňa garamazdan, olara öz döredijilik zehinlerini açmaga şert döredýärdi. Muny men öz gözüm bilen göremsoň, gypynç etmän aýdyp biljek.
Döwür çylşyrymlydy. T.Jumageldiýewe düşünýänler hem bardy, düşünmeýänler. Düşünmeýärdiler diýýänlerimizi hem her hili ýol bilen goldaýanlar bardy. Gowusy, siz bu ýazgylary okasaňyz, az-owlak göz ýetirermikäňiz diýip pikir edýärin.

Tirkiş Jumageldiýewiň baş redaktorlyk döwründe gazetiň redkollegiýasynyň düzümi täzelenipdi. Onuň maslahatlary yzygider geçirilýärdi. Şol döwürde redaksiýanyň ilkinji partiýa guramasynyň ýygnaklarynda hem gazetiň işine, işgärleriň tertip-düzgünine we gaýry meseleler dogrusynda hem çynlakaý gürrüňler edilýärdi. Işiň ilerlemeginiň hatyrasyna birek-biregiň kemçilikleri dogrusynda aýdylýardy.
Kakaly Berdiýewiň baş redaktor bolup işlän soňky aýlarynyň birinde geçirilen redkollegiýasynyň biri ýadymda. Biz şonda 1987-nji ýylyň iş planyna garapdyk . Şeýle hem ýaşuly edebiýatçy alym Mämmetdurdy Annagurdowyň “Edebi tankyda garaýyş barada birnäçe söz” atly makalasyna we ýazyjy Gylyç Kulyýewiň “Gijigen ökünç” atly kitabyna özüniň ýazan materialyny ara alyp maslahatlaşypdyk. Maslahata redkollegiýa çlenleriniň aglabasy gatnaşypdy.
Birinji mesele boýunça gazetiň baş redaktory Kakaly BERDIÝEW habar bilen çykyş etdi. Redaksiýanyň poeziýa bölümi hakynda, aýratyn hem sungat bölüminiň işi hakynda aýratyn durup geçdi. Umuman, gazetiň bölümleriniň iş planlary bilen giňden tanyşdyrdy hem-de maslahatlaşmaga hödürledi.
Ilki bilen Kerim GURBANNEPESOW gürrüňe başlady: – Heniz biziň güýjümiziň pesligini göz öňünde tutsak, esasan «Литературная газета» salgylanmalymykak diýýärin. Köp zat öwrenip bileris. Her zada ynamly ýapyşmagy başarmaly. Gowurak, düýpliräk ýazylan material üçin galam hakyny-da göz öňüne tutaýmalymyka diýýärin.
Hojanepes MELÄÝEW: – Golaýda Içeri işler ministrliginde maslahat boldy. Şonda neşekeşlere göreş meselesi boýunça komissiýa döredilendigi aýdyldy. Şol maslahatda film görkezildi. Seredip otursak, neşekeşlikde biziň respublikamyz birinji ýerde durýandygy aýdyldy. Gerek bolsa şolardan gowy materiallar taýýarlap boljak.
Yzzat GYLYJOW: – «Edebiýat we sungat» gazetiniň beýleki gazetlerden tapawutlandyrmalymykak diýýärin. Edebi we medeni tankyda köp üns berilmeli. Her bir çykýan kararyň ýerine ýetirilýänine, ýetirilmeýänine üns bermeli. Materiallar bermeli. Biziň hudožnikler soýuzymyza bir adam berkitseňiz.

Halymyzdan habar alyp dursaňyz.
Atamyrat ATABAÝEW: – Öňler «Kim näme döredýär?» diýen rubrika berilýärdi. Şol rubrika dikeldiläýse, özem Beýik Oktýabryň 70 ýyllygy bilen baglanyşdyrmaly. Ýazyjy-şahyrlarymyz şu günler näme iş edýär? Şony doly bilemizok. Gazetde elmydama K.Gurbannepesow, B.Hudaýnazarow, S.Ataýew, T.Jumageldiýew dagy çykyş edip ýörmän örüsini giňeltmelimikän diýýärin.
K.GURBANNEPESOW: – Bolsa näsini aýdýarsyň. Onda «Литературная газета» hem iki-üç sany ýazyjynyň daşynda aýlanyp ýörmezdi.
A.ATABAÝEW: – Soňky ýyllarda «Sowet edebiýaty» hem-de «Edebiýat we sungat» goşgyny gysýar. Iki-üç goşgy bermegiň tarapdary däl. Bäş-alty goşgy bermegiň tarapdary. Gowy goşgular gaýdýar. Hut meniň özümiň hem şedewr goşgularym gaýtdy. Şu gazetden gaýdýan goşgularym beýleki metbugatlarda yzly-yzyna çykýar. Çekişmäniň gidişi barada: poeziýa çekişmesi birtaraplaýyn gidýär. Diňe D.Nuralyýew tarapyny tutýan materiallary berýärler. Kitaphanaçy bir gyz-Tuwakgül ýanyma geldi. Annaguly Nurmämmedow onuň materialyny gaýtarypdyr. Meniň ýanyma başga-da köp adam gelýär. Meselem: Şamuhammet Halmuhammedow, Allaberdi Haýydow dagy. Men gazetiň şu gidişine garşy. Men bir taraplaýyn berilmegine garşy. Redkollegiýa çleni hökmünde aýdýaryn. Men tankytdan gorkamok. Ýerlikli tankytlansa men garşy däl.
K.GURBANNEPESOW: – Sen şol jedelli makala goşulmadyk bolsaň, şu wakalar bolmaly hem däl. Özüňi tanatdyň.
Şadurdy ÇARYGULYÝEW: – Atamyrat, poeziýa baradaky jedel dowam edýär. Poeziýa hyzmat edýänleriň öwülen ýerem, döwülen ýerem bolar. Göwnüňize çekişme bir taraply ýaly bolmagy-da mümkin. Emma beýle däl. Hut özüňiz hem bu baradaky makalaňyzda özüňizi arşa çykaryp, D.Nuralyýewi nähak, öteräk tankytlan ýerleriňiz-de bar. Şahyrlardan sagdyn eserleri talap etmek, harsallygy, duýgulara we pikirlere täsir etmeýän eserleri barlyşyksyz tankytlamak gazetiň borjudyr.
A. ATABAÝEW: – Talantly goşgyny bermeli, talantsyzy bermeli däl.
Hudaýberdi DURDYÝEW, ýazyjy, Türkmenistan Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň öňki sekretary: – Partiýanyň

täzeden gurmaly meseläni biz nähili çözýäris. Hemmesini hem özümiz taýýarlamaly. Hiç kim bize kadr taýýarlap bermez. Biz şu liniýany sypdyrmaly däl.
Gazetde käbir zatlara bisarpa ýer berýäris. «Литературная газета» serediň, ýeri nähili tygşytly ulanylýar. Beýik Oktýabryň 70 ýyllygy biziň materiallarymyzyň içinden eriş-argaç bolup geçmeli. Nähili bellemeli? Nähili formada? Özboluşly, oýlanyp ýazmaly. Öňki ýaly urdum-şalyk edip, «ura» diýip ýazmaly däl. Islendik merkezi gazeti alyň, problema bardyr. Şolary biz gazet sahypasynda görkezmeli. «E-S» ylmy, sowet, medeni edaralar bilen bilelikde sowatly material¬lar taýýarlamaly. Golaýda Durdy Gylyjyň ýubileýinde bolanymyzda Tagta raýonynyň Kuýbyşew adyndaky kolhozda bolduk. Şol ýerde köşk ýaly klub bar. Ýöne olar şony ulanyp bilenoklar. Ulanyp bilmeseler, ol döwlet üçin zyýan, çykdaýjy. «Литературная газета»-da jemgyýetiň ähli islegi bar. Bizde-de şol bolmaly. Bize daşardan gelip kömek bermezler. Özümiz tapmaly, taýýarlamaly.
Bolan ýerlerimizde – duşuşyklarda şahyrlar goşgy okaýarlar, çykyş edýärler. Ýöne okyjy şoňa biperwaý garaýar. Biz goşgyny kim üçin ýazýarys.
Ýakynda Kaspi basseýni meselesi ara alnyp maslahatlaşyljak. Moskwadan 15 adam geljek. Soýuz respublikalardan hem adam geljek. Biz şoňa taýýarmy? Biz şolara näme gürrüň berip biljek. Ertir Meşedi-Missirianyň Hanhowuza öwrüljekdigini pikir edemzok.
Saragt raýonynyň ilaty ojaklaryny taşlap kanal boýunda ýabany ýatyp, palçygyň içinde gezip ýörler.
Şu zatlary biz gozgamaly.
Golaý wagtlarda galyň meselesi barada bizde uly gürrüň boljak. Şoňa-da «Edebiýat we sungat» aktiw gatnaşmaly, ilata ýetirmeli.
Biz halk çeşmelerini tapyp, gözläp ýazmaly. Öý ýasaýan ussa barmy? Nirede? Ýagdaýy nähili.
Her bir zadyň kökünden başlamaly. Edebiýat hakynda professional gürrüň etmeli.
Sungat meselesi barada uly gürrüň edip bileris. Hiç birimiz

hudožnigiň ussahanasynda bolup göremizok. Ýiti materiallar ýazmaly. Kartina hakynda türkmençe ýazmaly. Hudožnikler telewizorda çykyş edenlerinde özüň utanýaň. Gürläp bilenoklar. Iliň öňüne çykmagyň kyn zatdygyny bilenoklar. Türkmen sazymyzda millilik meselesi. Halkyň çeşmesinden örküňi üzmeli däl. Üzseň hiç kim bolup galýarsyň. Mysal üçin, kompozitorlaryň pylany eseri Fransiýada, Italiýada çalynýar diýilýär. Emma öz halkyň ol eser hakda näme bilýär? Sen sazy, eseri kim üçin döredýärsiň.
Telewizoryň, radionyň ýaramaz gepleşiklerine replika beremizok. Ýerli-ýerden bermeli.
Medeni fonddan materiallar taýýarlamaly.
Gazet janly işleriň inisiatory bolmaly.
Geliň, gazetiň tagallasy bilen kimdir biriniň muzeýini döretmegiň inisiatory bolalyň. «Kim nämäni başarýar?» diýen meseläni hem öz aramyzda goýalyň.
Döredijilik soýuzlary bilen bagly mesele bolsa Ýazyjylar soýuzynyň adyndan goldaýyn, kömek edeýin. Ýaşlara ynanmaly. Ýaş zehinleri goldamaly. Ýöne bizde ýazyjy-şahyrlarymyzda iliň ýüzüniň tutarlyk eser ýok.
Gazetiň her sanynda gowy zat berjek bolalyň. Okalar ýaly edeliň.
K.BERDIÝEW: – Edebiýatçy Mämmetdurdy Annagurdowyň edebi-tankyda garaýyş baradaky seslenmesiniň redaksiýa gelenine esli wagt geçdi. Başda ol 22 sahypadan ybaratdy. Biz ony awtoryň razylygy bilen gysgaldyp çapa taýýarladyk. Emma seslenmäni çap etjek mahalymyz onuň berilmezligi hakda dürli gürrüň boldy. Biz makalany bermegiň tarapdary. Her niçik bolsa-da redkollegiýa çlenlerine okatmagy makul bildik. Ynha, indem ony siziň gatnaşmagyňyzda orta atýarys. Her biriňiz öz pikiriňizi aýdyň. Belli bir karara geleliň.
H.DURDYÝEW: – Materialy halamadym. Annagurdow edebiýat hakynda däl-de, G.Kulyýew hakynda köp gürrüň edýär. Edebiýaty öwreniş, Magtymguly ýok.
A.ÇÜRIÝEW: – Magtymgulynyň gutarnykly obrazynyň ýokdugy dogry. Onsoň şol barada gürrüň etjek bolsaň G. Kulyýewiň romanyna syrygýar-da.

H.DURDYÝEW: – Näme üçin ýok. Ýuwaş-ýuwaşdan barýarys. Awtor eseri analiz edýär. Magtymguly hakynda on kagyzlap ýazsyn.
A.ÇÜRIÝEW: – Eger biz Magtymgulynyň obrazyny döretmek işine ýuwaş-ýuwaşdan barýan bolsak, onda bu ugurda döredilýän çig-çarsy eserlerden saplanmagyň aladasynam etmeli ahbeti.
H.DURDYÝEW: – Gylyç Kulyýew bilen Annagurdowyň arasynda şahsy dawa bar. Men muny bilýärin. Merkezi Komitetde işleýärkäm şaýady boldum. Şol şahsy dawany Annagurdow ulanjak bolýar. Şonuň üçin hem makalany bermeli däl.
Ýwşan ANNAGURBANOW: – Gazetde tutumly işiň başy başlanýar. Magtymgulynyň edebi obrazy meselesi hut şeýle işdir. Ýöne, G.Kulyýewiň jedele goşulyp, edebi derejesi juda pes, gödek äheňli makala bilen çykyş etmegi esasy gürrüňi başga ýana sowdy. Redaksiýa şeýle çykyşy çap etmekden saklanmalydy. Okyjylardan gelýän hatlar, olaryň çap edilenleri G.Kulyýewi ýazgarýarlar. Magtymgulynyň edebi obrazy, sahna çykarylyşy, kinodramaturgiýadaky ýagdaý, galyberse-de, ylmy edebiýatdaky bulaşyklyklar barada gürrüň etmegi edebi jemgyýetçilik beýle bir taýýar däl ekeni. Hatda, G.Kulyýewiňki ýaly çykyşa edebi jemgyýetçilik däl-de, diňe okyjylar garşy çykdylar. Haçanda M.Annagurdow «Edebi-tankyda garaýyş barada birnäçe söz» atly seslenme ýazyp gelende biz geň galdyk. Edebi jemgyýetçiligiň şu günki passiwliginde bu geň zatdy. Biz şu seslenme bilen tankydyň edebi hakdaky meseläni jemlemek, şondan soň Magtymguly baradaky gürrüňi dowam etdirmek pikirinde.
K.GURBANNEPESOW: – Men Gylyç Kuly bilen M.Annagurdowyň arasynda nähili çaknyşygyň bardygyny bilemok. Men materialyň berilmeginiň tarapdary. Material çyny bilen ýazylypdyr. Belki, Gylyç Kulyýewe köp degýän ýerini gysgaldyp bolar.
A.ATABAÝEW: – Öňküleri hem, şuny hem Gylyç Kulyýewiň şahsyýetine degilme diýip düşünýärin.
Ş.ÇARYGULYÝEW: – Onda G.Kulyýew, A.Atabaýew özlerini öwüp arşa çykarsa, beýlekilere şahsyýetine degerlik derejede haýbat atsa bolýar-da, bu aworlaryň eserleriniň bolmaýan ýeri aýdylsa, şahsyýetine degildigi bolýar-da. Ýok. Ýoldaşlar tankyt hemişe obýektiw bolmalydyr.
Ogultäç ORAZBERDIÝEWA: – Bu ýerde G. Kulyýewiň hiç hili

şahsyýetine degilenok. Dili hakynda gürrüň gidýär. Diliniň ýabygorludygy hakynda aýdylýar.
K.GURBANNEPESOW: – G.Kulyýewiň özi ilki goşulyp bulaşdyrdy. Eger goşulmadyk bolsa beýle bolmazdy.
A.ÇÜRIÝEW: – Materialda awtoryň şahsyýetine degilenok-da, materialda romanyň çeperçiliginiň gowşaklygy, çig-çarsylygy barada gürrüň edilýär.
H.DURDYÝEW: – Men ýene-de gaýtalap aýdýaryn. G.Kulyýew bilen M.Annagurdowyň arasyndaky hylty men bilýärin. Şonuň üçin berilmegine garşy. Ertirki gün gepe ýer goýmalyň.
H.MELÄÝEW: – Men Annagurdowyň materialyndan uly zada garaşypdym. Ýöne şol tama çykmady. Materialda aýdylan täzeligi göremok. Iki adamyň arasyndaky dellal ýaly bir zat.
K.GURBANNEPESOW: – Biz M.Annagurdowa düşündirip aýtmaly. Materialy täzeden işletmeli. Ýokarda aýdylanlary göz öňünde tutmalydygyny, Nurmämmedowyň makalasynda gürrüňi edilýän beýleki eserler hakda-da pikirini ýazmalydygyny aýtmaly.
H.DURDYÝEW: – Magtymguly hakynda belli bir karara gelmeli. Doglan, ýogalan wagtyny anyklamaly. Akademiýaň işgärleri bilen bilelikde ýazmaly, jemlemeli.

* * *

M.Annagurdowa redkollegiýanyň maslahatynyň kararyny ýetirmeli edildi. “Makalanyň üstünde täzeden işlemegi awtora maslahat bermeli” diýlen karara gelindi..
G.Kulyýewiň «Gijigen ökünç» diýen materialyny 11 adam okady. 9 adam garşy. 2 adam tarapdar: A.Atabaýew bilen A.Omarowa. Gylyç Kulyýewiň «Gijigen ökünç» romanyna ýazan makalasyny gazetde çap etmekden saklanmaly diýen karara gelindi.

1987-nji ýylyň 23-nji ýanwary.

Allaýar Çüriýew, gazetiň şol wagtky jogapkär sekretary.
Ýatlamalar